# Amerikaly bolmak arzuwy

Category: Kitapcy,Sport we turizm
написано kitapcy | 26 января, 2025
Amerikaly bolmak arzuwy AMERIKALY BOLMAK ARZUWY



Amerika gitmegi, ol ýurtda okamagy, işlemegi, ýaşamagy köp adam arzuw edýär. Dünýäniñ çar künjeginde ýaşaýan adamlar bu ýurda gitmäge jan edýär. ABŞ her ýyl takmynan 50 müñ adamy ýurda çagyrýar. Şeýle-de her ýyl münlerçe adam bikanun ýollar bilen Amerika göçüp barýar, ýöne Amerika bu ýagdaýdan närazy däl. ABŞ bu ýagdaýy biraz kanunylaşdyrmak üçin «Ýaşyl kart» düzgünini ulanýar. ABŞ-nyň öñki daşary işler ministri Madlen Olbraýtyñ aýdyşy ýaly, «ABŞ-ny keseden gelenler aýak üstünde saklaýar.»
Ylymly, bilimli adamlary ýurda göçürip getirmek bilen supergüýç bolmagy maksat edinýän ABŞ her ýyl müñlerçe adama iş wizasyny we ýaşamaga hukuk berýär. 1990-njy ýylda «emigrantynkydan üýtgeşik wiza» ýa-da «ýaşyl kart» atly maksatnamany ýurduň bosgunlar baradaky kanunynyň 203-nji maddasyna goşan ABŞ Jorj Buşyñ prezidentlik eden döwründe ony

aýratyn kanun hökmünde kabul etdi. Bu maksatnama dolulygyna Daşary işler ministrligi tarapyndan ýöredilýär. «Ýaşyl kart» atly maksatnamanyň esasynda her ýyl dünýäniň çar künjünde 55 müň adam ABŞ-da ýaşamak üçin wiza alýar. Lotereýa oýny ýaly gabat geldi usulda saýlanýan bu adamlar ömürleriniň ahyryna çenli Amerikada ýaşamaga hukuk gazanýarlar we olar öz ýanlary bilen maşgalalaryny hem äkidip bilýärler.

- **Kimler, haçan ýüz tutup bilýärler?**

ABŞ-a gitmek isleýänleriň arzalaryny kabul etmek işi bir aý dowam edýär we her ýylyň oktýabr aýynyň ilkinji duşenbesinde başlanýar. Milli wiza merkezine bir aýyň dowamynda ortaça 7-8 million arza gowuşýar. 2000-nji ýylda arzalary kabul etmek 2-nji oktyabrdan 1-nji noýabra çenli dowam etdi. Bu maksatnama gatnaşmak üçin ABŞ-nyň kesgitlän ýurtlarynyň raýaty bolmak gerek. «Ýaşyl kart» maksatnamasyna yüz tutmak üçin azyndan liseýi ýa-da uçilişedir tehnikumy tamamlan bolmaly ýa-da bolmasa soňky bäş ýylyň içinde azyndan iki ýyl iş tejribäň bolmaly.

- **Haýsy ýurtlar maksatnama gatnaşyp bilmeýär?**

Kanada, Hytaý, Taywan, Kolumbiýa, Dominikan Respublikasy, Salwador, Gaiti, Hindistan, Ýamaýka, Meksika, Filippinler, Polşa, Günorta Koreýa, Angliýa we Wýetnam ýaly ýurtlaryň raýatlary bu maksatnama gatnaşyp bilmeýär.

- **Maksatnama nähili ýöredilýär?**

Milli wiza merkezine poçta bilen ýa-da internet arkaly gelen arzalar alty geografiki sebite bölünip, ýeke-ýekeden belgilenýär. Arzalaryň kabul edişlik möhleti dolansoň, kompýutere girizilen arzalaryň arasynda gabat geldi usulda saýlaw geçirilýär.

Saýlawda bagty çüwenler ABŞ-nyň Daşary işler ministrligi tarapyndan habardar edilýär we olar wiza almagyň şertleri bilen tanyşdyrylýar. Wiza almaga hukuk gazanan ilkinji 55 müň adamyň käbiri wiza üçin gerekli şertleri ýerine ýetirmedik ýagdaýynda olaryň ýerleri goşmaça saýlanan adamlar bilen

doldurylýar.

Ebru EREK. Sport we turizm